## Gymmatly kagyzlar bazarynda hünärli gatnaşyjylarynyň işini amala aşyrmaga hukuk berýän ygtyýarnamany almak üçin talap edilýän resminamalaryň sanawy:

Ýuridik şahslar tarapyndan

Arza (doly ady, döwlet tarapyndan bellige alnan belgisi we senesi, guramaçylyk-hukuk görnüşi, hukuk salgysy, işiniň görnüşi we ony amala aşyrmagyň möhleti, şeýle hem ygtyýarnamanyň dalaşgäriniň işiň bu görnüşini amala aşyrmakçy bolýan hakyky ýerleşýän ýerini görkezmeli);

Ygtyýarlylandyrylýan işi amala aşyrmak üçin oňa eýeçilik hukugy esasynda ýa-da başga bir kanuny esasda degişli bolan jaýlaryň bardygyny tassyklaýan resminamalaryň nusgalaryny;

Esaslandyryş resminamalaryň tassyklanan nusgalary, ýuridik şahslaryň ýeke-täk döwlet sanawyndan göçürme, şeýle hem ynanç haty, hyzmatyň şertnamasy ýa-da ygtyýarnamanyň dalaşgäriniň wekiliniň ygtyýarlygyny tassyklaýan buýruk;

Ygtyýarnamanyň dalaşgäri (ygtyýarnamaly) tarapyndan tassyklanan ýuridik şahsyň ýolbaşçysy we işgär düzüminde maliýe-ykdysady ýa-da hukuk boýunça ýokary bilimi hem-de gymmatly kagyzlar bilen amallary amala aşyrmaga hünär derejeli şahadatnamasy bolan wezipeli adamlary we hünärmenleri baradaky (familiýasy, ady, atasynyň ady, pasport maglumatlary, wezipesi, iş tejribesi, bilimi hakynda maglumatlar (diplomyň we gymmatly kagyzlar bilen amallary amala aşyrmaga hünär derejeli şahadatnamanyň belgisini, kim tarapyndan berlendigini we berlen senesini goşmak bilen) maglumatlary hem-de olaryň bardygyny tassyklaýan resminamalaryň nusgalaryny

Gymmatly kagyzlar bazaryna beýleki gatnaşyjylar bilen özara hereketi amala aşyrmak üçin edara tehnikasynyň, kompýuterleriň, programma-tehniki serişdeleriň we telekommunikasiýa enjamynyň bardygyny tassyklaýan resminamalaryň nusgalaryny;

Öz maýasynyň iň pes möçberini oňa bildirilýän talaplara laýyk gelýändigni tassyklaýan resminamalryň nusgalary;

Öz maýasynyň hasaplamalary we hereket edýän kanunçylyga laýyklykda onuň ýeterlik derejesi we esaslyk maýanyň emele getirilendigini tassyklaýan maliýe resminamalarynyň nusgalaryny.

Öz gymmatly kagyzlarynyň emissiýasynyň hasaba alnandygyny tassyklaýan resminamalary (paýdarlar jemgyýetleri üçin)

Ozal alnan ygtyýarnamalar, şol sanda gymmatly kagyzlar bazarynda hünär işini amala aşyrmaga hukuk berýän ygtyýarnamalar barada maglumaty.

Tassyklanan wezipe sanawy